# Myratgeldi Söýegow aradan çykdy…

Category: Goşgular,Kitapcy,Taryhda şu gün,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025
Myratgeldi Söýegow aradan çykdy…




• ***Şu gün – 25-nji iýulda görnükli alym, türkolog, professor Myratgeldi Söýegow aradan çykdy. Merhuma iman baýlygyny dileýäris.***
◇ Alym hakynda

Myratgeldi Söýegow – filologiýa ylymlarynyň kandidaty. Ol 1950-nji ýylda Hojambaz raýonynyň Hojambaz posýologynda gullukçy maşgalasynda dogulýar.
Şol raýonyň Magtymguly adyndaky 1-nji orta mekdebini tamamlap, 1968-nji ýylda ol Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen filologiýasy fakultetine okuwa girip, ony 1973-nji ýylda gutarýar.

Okuwyny gutarandan soň, TSSR YA-nyň Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat institutynyň häzirki zaman türkmen dili sektorynda laborant bolup işleýär. 1975-1981-nji ýyllar aralygynda şol ýerde ilki kiçi, soňra starşiý ylmy işgär bolup, ylmy-derňew işlerini alyp barýar. 1975-1978-nji ýyllarda önümçilikden aýrylmazlyk şerti bilen aspiranturada okan döwründe ol hal işligiň ýönekeý formalaryny türkmen, azerbaýjan, türk we gagauz dilleriniň materialynda deňeşdirip öwrenýär. Geçiren şol ylmy-derňew işleriniň esasynda ýazan dissertasiýasyny 1978-nji ýylda gorap, filologiýa ylymlarynyň kandidaty diýen alymlyk derejäni alýar.
1981-nji ýylda M.Söýegowyň «Türki dilleriň günorta-günbatar toparynda hal işlikler» atly monografiýasy çapdan çykýar.
Soňky ýyllarda ol dil biliminiň meselelerini, onuň taryhyny, onuň görnükli wekilleriniň döredijiligini öwrenmek bilen meşgullanýar. Onuň bu ugurdan ýazan işleri «Советская тюркология», «Türkmenistanyň ýadygärlikleri», «Türkmenistanyň halk magaryfy» ýaly žurnallaryň sahypalarynda yzygiderli çap edilýär.
Ýaş alym edebi-çeper döredijilik bilen hem meşgullanýar. Onuň çagalara niýetläp ýazan «Ýagşyň ysy» we «Gülki güni» atly goşgular ýygyndylary-da çapdan çykýar.

*# Haýdar Muhyýew, Sapar Kürenow, «Türkmen dilçileri», «Magaryf» neşirýaty, Aşgabat, 1988.* Taryhda şu gün